# Bir halyfyñ Leýlä beren sowaly hem ondan alan jogaby hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025

Bir halyfyñ Leýlä beren sowaly hem ondan alan jogaby hakynda hekaýat Bir halyfyñ Leýlä beren sowaly hem ondan alan jogaby hakynda tymsal

Halyf Leýlä diýen: «Kaýsyñ sen diýip,
Dagda, düzde entäp ýörmegi haýp.

Men-ä bakyp seniñ görk-görmegñe,
Geñ galýan oñ Mejnun bolup ýörmegne».

Leýli oña beren şeýle jogaby:
«Bilseñ, herki zadyñ bardyr sebäbi.

Daşdan, içden känem bolsa synlaýan,
Meniñ görküm diñe Mejnuna aýan.

Şoñ boýnunda meñ yşkymyñ webaly,
Bir şol maña iki dünýä wepaly.

Kim-baý, kimler-döwüm nana zar bolar,
Kimleñ gözi açyk, añy kör bolar.

Kime akyl-paýhas-göwün hoşlugy,
Kimler saýlap alar dälibaşlygy.

Hakykat hemişe göýä bir çapar,
Ynamy güýçlileñ gapysyn kakar.

Öwrülip öz bähbidiniñ guluna,
Guwanyp baýlygna-mal-u-puluna,

Ýörenlere geñdir Mejnunyñ haly,

Her kime dogrudyr öz saýlan ýoly.

Kynçylykdan gorkup, añsada bakan
Durmuşda ahyry utulýar eken.

Synla gökde ganat gerýän bir guşy,
Kölegesi — oñ ýerdäki görnüşi.

Hiç many ýok guşuñ kölegesinde,
Sen ony uzak gün kowalasañ-da,

tutaryn diýp, asla etmegin hyýal,
Çünki ol — kölege, guşuñ özi däl.

Sen ony kowalap, bilmäñsoñ tutup,
Öldürerin öýdýäñ ýaýdan ok atyp.

Bir ok goýman, boşatsañ-da okdanda,
Kölge — gaýyp bolar, guşam — asmanda. Goşgular